# Meniñ saña bir aýtmaly zadym bar…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Meniñ saña bir aýtmaly zadym bar… MENIÑ SAÑA BIR AÝTMALY ZADYM BAR…



Meniň saňa bir aýtmaly zadym bar,
Gara gözlim, ýüregimde adyň bar.
Dillerimde soňlanmajak aýdym bar,
Ömrüň yşky jepasyndan arzym bar.

Meniň saňa bir aýtmaly zadym bar,
Neçüýn gözüň ýaşly, neçüýn zaryň bar?!
Sen nämä aglaýaň, sen nämä ýanýaň?!
Hany, gel ýanyma, arkadagyň bar.

Meniň saňa bir aýtmaly zadym bar,
Eý, deňiz düýbüniň göwheri-düri.
Çuňluklar bar, daşgynlar bar, tolkun bar,
Men niçiksi saňa ýeterin, peri?!

Meniň saňa bir aýtmaly zadym bar,
Sen nurana gijäň Zöhre ýyldyzy –
Gök ýüzünde meniň ýalňyz bagtym bar,
Ah, belentden bakyp ýandyrdyň bizi.

Meniň saňa bir aýtmaly zadym bar,
Ýetişen hasylyň ýygmaly, ýarym.
Goş sesiňi, ellerimde sazym bar,
Dilleri senaly, nagmaly ýarym.

Ellem inçe billeriňe guşakdyr,
Ömrüňi ýyldara söýgi odum bar.
Lezzetiň ýagşysy gujak-gujakdyr,
Meniň saňa bir aýtmaly zadym bar .

Meniň saňa bir aýtmaly zadym bar,
Şat günümde gelseň, gussamda gelseň.
Gökde ganatym bar, suwda salym bar,
Eger-de sen meniň ýanymda bolsaň.

Ömrüň yşky jepasyndan arzym bar,
Dillerimde soňlanmajak aýdym bar.
Gara gözlim, ýüregimde adyň bar,
Meniň saňa bir aýtmaly zadym bar…

Akmyrat HOJANYÝAZ. Goşgular